# Ýiten ýyldyz

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýiten ýyldyz ÝITEN ÝYLDYZ



Akmaýanyň ýoly – ýakalyk suwry,
Ýyldyzlar ataşly ýarlar mysaly.
Ýatlamalar – ýiten söýgiň sudury,
Solakdan ýakymly nurlar mysaly.
Gözlerim umytly, dilim soragly,
Söýgi talanmaýar, söýgi goragly.
Mežnun pahyr, Aşyk Aýdyň, Görogly…
Ah urdum ol ulug pirler mysaly.

Howada göründi birden ýüzleri,
Şol öňki bakyşy, öňki gözleri…
Maňa juwanlykda diýen sözleri,

Gymmatlap gidipdir dürler mysaly.

Uzak bir ýyldyzjyk şuglasyn saçýar,
Ýüzünde mähir bar, egninde saç bar…
Söýen gyz ölmeýär, söýen gyz geçýär,
Diňe kämilleşýär hüýrler mysaly.

Italmaz AKMYRADOW. Goşgular